Oýlanyş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Oýlanyş • **ДУМА**

Печально я гляжу на наше поколенье!
Его грядущее — иль пусто, иль темно,
Меж тем, под бременем познанья и сомненья,
В бездействии состарится оно.
Богаты мы, едва из колыбели,
Ошибками отцов и поздним их умом,
И жизнь уж нас томит, как ровный путь без цели,
Как пир на празднике чужом.
К добру и злу постыдно равнодушны,
В начале поприща мы вянем без борьбы;
Перед опасностью позорно-малодушны,
И перед властию — презренные рабы.
Так тощий плод, до времени созрелый,
Ни вкуса нашего не радуя, ни глаз,
Висит между цветов, пришлец осиротелый,
И час их красоты — его паденья час!

Мы иссушили ум наукою бесплодной,
Тая завистливо от ближних и друзей
Надежды лучшие и голос благородный
Неверием осмеянных страстей.
Едва касались мы до чаши наслажденья,
Но юных сил мы тем не сберегли;
Из каждой радости, боясь пресыщенья,
Мы лучший сок навеки извлекли.

Мечты поэзии, создания искусства
Восторгом сладостным наш ум не шевелят;
Мы жадно бережем в груди остаток чувства —
Зарытый скупостью и бесполезный клад.
И ненавидим мы, и любим мы случайно,

Ничем не жертвуя ни злобе, ни любви,
И царствует в душе какой-то холод тайный,
Когда огонь кипит в крови.
И предков скучны нам роскошные забавы,
Их добросовестный, ребяческий разврат;
И к гробу мы спешим без счастья и без славы,
Глядя насмешливо назад.

Толпой угрюмою и скоро позабытой
Над миром мы пройдем без шума и следа,
Не бросивши векам ни мысли плодовитой,
Ни гением начатого труда.
И прах наш, с строгостью судьи и гражданина,
Потомок оскорбит презрительным стихом,
Насмешкой горькою обманутого сына
Над промотавшимся отцом.

- **Oýlanyş**

Gaýgylanýan ýaş neslimiziň gelejegin!
Olara, ýa boşluk, ýa-da tümlük garaşýar,
Şübhämi ýa paýhasa bilmän ynanjagyn
Bikärlikden ýaňa barha gartaşýar.
Sallançakdan bäri, biz baý pederlermiziň
Gijigen aklyndan, hem günälerinden,
Durmuş irikgä goýýar ýowuz ýol kimin
Hem kesekiň toý-şüweleňi deý.
Ýazykly biz, biparhlykdan haýr-u-şere,
Pyssarýas, göreşmän bir pişä başlap;
Howp inende ýöwselläp, bolýas wejera,
Güýçliniň alnynda dyza çökýäs, namartlap.
Möhletinden öň ýetişen ýetim miwe deý,
Ne tagamy bar, ne göwre, ne-de görki bar,
Güller bark ursa, oýanyşyp kyrk çilleden
Bigänäniň bolsa tänmek howpy bar.

Dostlarmyzdan hem hossarlarmyzdan ýaşyryp,
Nepsiz ylym bilen egbarlatdyk paýhasy.

Dana sözlini we umytlaryň ýagşysyn,
Ret etdi ýaňsa ylhamyň şübhesi.
Ujypsyzja lezzet alyp şypaly jamdan,
Arman, aýap bilmedik biz juwan kuwwatyn,
Ýöwselläp aşa düşmekden, şady-horramdan,
Sorup aldyk nektarlaryň nektaryn.

Şygyrýetiň hyýallary, sungat älemi,
Aňy gylawlanok, süýji lezzeti bilen,
Nepsiz hazynany hem-de duýgyň galanny,
Gizleýäs husytlygyň hümmeti bilen.
Tötänden ýigrenýäs, atanlykdan biz aşyk,
Hiç pida kylman ne söýgä, ne-de gazaba,
Ganymyz gaýnap, joşsa-da, çeninden aşyp,
Şonda-da kalbymyz sowuk aglaba.
Wäşi pederlermiziň şohy bize hezil däl,
Hem olaryň yhlasly, azgyn jahyllygy;
Geçmişi ýaňsylap we şöhrada ezilmän,
Tabyda gyssanýas—biz biçäre, ýazgyt—algyly.

Hyýrsyz mähellä siňip, uçarys tiz ýatdan,
Öler gideris biz, ses-sedasyz, yz goýman,
Dürdäne pähimden miras goýman, hatda,
Başlanan bir pişäň miwesin görmän.
Adyl kazyň we raýatyň keşbine girip,
Tumaýak neslimiz ajy goşgysy bilen,
Gabyrda, jesedimiziň külüni dörüp,
Üflis atasynyň üstünden güler.

Rus dilinden terjime eden: Kakajan BALKANOW.

2018 ý. Goşgular